# Leýli gül / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Leýli gül / hekaýa LEÝLI GÜL




Yhlas çagalykdan hereketlije boldy. Nähilidir bir içki hyjuw ony erkine goýanokdy. Bu ýönekeý çaga garagollugy däldi. Oglanjyk düşbüjedi, hereketleri saýhallydy. Ýakymsyzlyk bilen töweregini bimaza edenokdy. Oglanjygyň tebigaty üznüksiz depgin talap edýärdi, güýjüni bir zada sarp etmese, oňup bilenokdy. Ýöne bir gün Yhlasyň aýagyna şikes ýetdi. Ýiti agyry bolmasada, çep aýagy doly ýazylmady. Lukmanlar wagtyň geçmegi bilen, aýagyň öz özünden düzelip gitjekdigini, köpräk hereket etmelidigini aýtdylar.
Yhlas okuwdan geldigi, ejesiniň iş ýerine gidýärdi. Güllere ideg edýän ejesiniň ýanynda onuň hoşuna gelýän zat köpdi. Gülleriň ýetişdirilişine üns bilen syn edýärdi. Üşüklije çagada peýda bolan höwes ýönekeý bilesigelijilik däldi. Mekdebi tamamlap, gülçülik kärhanasynda bagban bolup işläp başlan ýigidiň zähmet çekişi üýtgeşikdi. Ol her gülüň aýratynlygyny bilýärdi. Yhlasyň ýetişdiren çemenzarlyklaryna

haýran galyp oturmalydy.
Işden soň ol howlularyndaky güllere birlaý ideg edýärdi. Soň goňşularyna ekip beren güllerini gözden geçirýärdi. Yhlaslaryň ýaşaýan köçesi durşuna güle beslenipdi. Yhlas bir pursatlyk hem zähmetsiz oňup bilenokdy. Synasyndaky şol husur welin, henizem bildirýärdi, aýagynyň damary doly ýazylanokdy.
Bir günem melleginde güllere ideg edip ýörkä, köçeden geçip barýan bir ýaşuly onuň deňinde sägindi. Nurana ýüzli ýaşuly Yhlas bilen gadyrly halahwal soraşdy. Ümürsin bolup oturan gülleri haýran galyp synlady. Ahyrsoňy ýaýdana-ýaýdana matlabyny mälim etdi.
– Inim, şu gülleri howlymda ýetişdirip bilmezmikäm? Bizem, keýwany bilen güýmenje edinäýjekdik. Idegini bilmeseň kynda. Maslahatam kimden sorajagymyzy bilemzok. Yhlas işini togtatdy.
– Ýaşuly, dynç güni ir bilen bararyn. Haldurdy aga şatlyk bilen dillendi:
– Sag bol, inim!
Yhlas diýen güni işe başlady. Ol howlynyň garaňky ýerlerine-de myzaýyk görmän, ýany bilen getiren gülleriniň tohumyny sepip çykdy.
– Indi diňe suwlap dursaňyz bolýa. Bagban ýigit şeýle diýip, hoşlaşyp gitdi.
– Işiň başynyň tutulyşy-ha jäht, keýwany, soňam düz bolsun-da.
– Aýdanyň gelsin, kakasy, bagban gaýratly oglan ekeni, tüweleme, edeni gelşip barýa.
Gyş maýyl geçensoň, töwerek has ir janlandy. Alabaharyň ýyly demi öz hökümini kemsiz ýöredýärdi. Yhlasyň sepip giden tohumlary parsa-parsa şineleýärdi. Bagban ýigit
wagtal-wagtal gelip, howla aýlanyp gidýärdi. Ol näme üçindir, howlynyň ortasyndaky uly atyza ala-böle köp üns berýärdi. Ýaňy görnüp başlan gämiklere siňe-siňe syn edýärdi.
Güller gününi sanap ösýärdi. Hasam çyrmaşyk güller çalt boý alýardy. Howlynyň içi çemenzarlyga öwrülipdi. Bu täsin gözelligi döredýän zat gülleriň sazlaşygydy. Diňe gülleriň ýene azajyk ösmegi gerekdi.
Baharyň ilkinji aýy bolansoň, tapgyr-tapgyr ýagyş ýagýardy. Bedreden dökülýän ýaly, ak çabgalar tebigatyň ýüzüni tämizläp durdy. Şeýle ajaýyp günleriň birinde säher bilen eli goşly howla giren gyz birbada nämäniň-nämedigine düşünmedi. Ol duran ýerinde goşlaryny goýup, howlynyň jümmüşine tarap ylgady. Öýleriniň güle beslenip oturmagy Leýlini haýran galdyrypdy.

– Eje, kaka, bu nä görnüş?!
Öýden ylgap çykan ejesi Leýlini bagryna basdy.
– Bu kakaň işi, balam, saňa sowgat taýynlaýyn diýip eden zady bi.
Leýli kakasyna hoşallyk bilen garady.
– Sag bol, kaka jan, meň üçin şundan gowy sowgat ýok.
– Saňa ýarasa bolýa, gyzym, biziň ähli guwanjymyz sen ahyryn. Duýdansyz geläýdiň-le, Leýli jan, işiňi dynyp gaýtdyňmy?
– Hawa, kaka, iş tejribämi dynyp gaýtdym.
– Gyzym, seni begendirjek bolup, özümiz iki begendik. Gülleň içinde oturyp, ýigdelen ýaly bolduk. Hany, keýwany, öýe gireli, gyzyň ýadap gelendir, dem-dynjyny alsyn.
Leýli öýde uzak oturyp bilmedi. Howla çykyp, gülleri birin-birin synlady. Gyzy geňirgendirýän zat gülleriň örän sazlaşykly ekilmegidi. Bu ýerde kimdir biriniň ezber eli duýulýardy. Leýli muny anyklamasa, ynjalmady.
– Eje, gülleri kim ýetişdirdi? Siziň özüňize eýgertjek iş-ä däl bi.
– Kakaň bir bagban oglan bilen gürleşdi. Elinden dür dökülýä.
Güle beslenip oturan howlynyň içinde kalby şatlykdan dolan Leýli bagbanyň gelerine sabyrsyzlyk bilen garaşýardy. Zähmeti bilen şeýle gözellik döreden ýigide hoşallygyny bildiresi gelýärdi. Bagban hemişeki wagtynda geldi. Ol argyn görünýärdi, hasam gaty agsaýan ýaly dy. Leýli bagbana açyk ýüz bilen habar gatdy:
– Tüweleme, howlymyzy enaýy edipsiňiz! Emma Yhlas Leýliniň ýakymly sözlerine
o diýen ähmiýet berip durmady, başyny çala atdyda, öz işi bilen gümra boldy. Leýli ýene hoşallyk sözlerini aýtman durup bilmedi.
– Gowy gülleri ýetişdiripsiňiz, özem hersiniň ýerini bilipsiňiz.
Bagban ýigit gülleri gözden geçirýärdi. Ol, köplenç, howlynyň ortasyndaky uly atyzyň töwereginde köwejekleýärdi. Bu ýere ekilen gülleriň ösüşinden göwni suw içmeýän bolarly, böwrüne diň salýardy.
Tüýs ýürekden aýdan hoşallyk sözlerine pisint edilmezligi Leýliniň çetine degdi. Ol kinesini saklap durmady.
– Näme üçin meň bilen sowuk-sala gürleşýäňiz? Men size ýakymsyz söz aýdamok ahyryn, diňe güller baradaky pikirimi mälim etdim. Onsoňam siziň hata goýberen ýeriňiz bar. Düýpdäki

mawy güller o diýen şowuna düşmändir. Olaň ýerine elwan güller bolan bolsa, has gowy gelşerdi.
Ýigit esli salym sesini çykarman durdy, soň müýnli dillendi:
– Şol gije gülleň tohumyny ýalňyşypdyryn. Mawy gülleň ýerine ösgün sary güller bolmalydy.
– Sary güller has ýaraşykly bolardy, howlyň jümmüşi ýagtylardy.
Gyzyň bu sözlerinden soň, Yhlas oňa geňir genmek bilen gözüni aýlady.
– Siz güllerden gowy baş çykarýan ekeniňiz. – Men gülleri diýseň gowy görýän, bassyrmamyzyň ýerinde ýetişdiren ak gülleriňiz diýseň jüpüne düşüpdir.
Yhlas birden uly atyzdaky güllere keýpsiz garady. Gyz bagban ýigidiň kalbyndaky galagoplugy badabat duýdy.
– Bu güller açylmandyr welin, näme sebäpdenkä?
Yhlasyň wawwasyna basylan ýaly boldy.
– Bular täze güller, olary uýgunlaşdyrmak üçin, ideginiň kemini goýmaly däl. Olary ýygy-ýygydan jybarladyp suwarmaly.
– Men aýdyşyňyz ýaly ederin.
– Bu size kyn düşäýmese. Munuň üçin ukudan galmaly bolarsyňyz.
– Zyýany ýok, güller açylsa bolýa.
Yhlas çalaja ýylgyrdy. Bagban ýigidiň tutuklygyndan namnyşan galmandy. Uzyn boýly, sagdyn bedenli Yhlas wagtalwagtal gyza mylaýym nazaryny aýlaýardy. Oňa Leýli bilen gürleşmegiň hoş ýakýanlygy görnüp durdy.
Leýli şol gije atyzyň ýanyndan aýrylmady. Açylyp bilmän oturan gülleri göýä mähri bilen çoýýan ýalydy.
Gyz säher bilen oýanyp daşaryk ylgady. Patrak ýaly açylan gülleri görüp, gözlerine ynanmady.
– Eje, kaka, güller açyldy!
Şatlykly habara öýden alňasap çykan garrylar uly atyzdan gözlerini aýryp bilenokdylar.
Bagban ýigit bu gün öňkülerinden has ir geldi. Ol howla giripgirmänkä, Leýli öňünden ylgap çykdy.
– Yhlas, azabymyz ýerine düşdi, gülleri bir synlap gör!
Yhlas uly atyzy dolduryp duran güllere uzak wagtlap söýünçli nazaryny dikip durdy. Onuň bu gülleri ilkinji gezek ýetişdirip görşüdi. Şatlykdan ýaňa uçaýjak bolýan gyz ýigidiň ýüzüne soragly bakdy:
– Yhlas, bu gülleriň ady näme?
Bagban ýigit sesini çykarmady. Yhlasy indi tanar ýaly däldi.

Ol mesaňa-mälim janlanypdy. Hereketlerine göz iler ýaly däldi. Şol wagtam Leýli duýdansyz seslendi.
— Yhlas, sen agsaňog-a! Yhlas duran ýerinde doňup galdy. Soň seresaplylyk bilen aýagyny ýazyp gördi. Dogrudanam, şu wagta çenli azap beren dert zym-zyýat bolupdy. Aşa tolgunýan ýigit janyndan syzdyryp gürledi.
— Dertden saplanmagyma sen sebäp bol duň, Leýli! — Birden ýigit uly atyzdaky gyzyl-çog güllere tarap okduryldy.
— Täze güllere seň adyňy — «Leýli gül» dakdym!
Täçmyrat REPBIMOW. Hekaýalar